# „Wahabi hereketi“
## Mezhepmi? ýa-da milletimize garşy howply „dildüwşükmi“?

**Tryh boýy, adamlaryñ hem halklaryñ arasynda agzalalyk hem duşmançylyk döretmek, dünýäniñ talañçy we basybalyjy güýçleriniñ iñ täsirli ýaraglarynyñ biri bolup gelýär. Bilşimiz ýaly „haçly söweş“ ady bilen tanalýan iñ gazaply hem weýrançylykly uruşlaryñ biri, Hristiýanlar bilen Musulmanlaryñ arasynda ýüze çykyp adamzat üçin uly pajyga sebäp bolupdy. Aslyna seredeñde welin, bu dinleriñ ikisi hem ynsanlary bir Tañra gulluk etmäge, parahatçylyga hem doganlyga çagyrýar.**

**Musulman ýurtlarda-da mezhepler arasynda agzalalyk döretmek, basybalyjy kolonýalistleriñ iñ kesgir ýaragy bolupdy. Onuñ iñ meşhur nusgasy bolsa, Sefewi döwründe yüz beren şyga-sünni arasyndaky ganly uruşlardyr. Hakykatda, täsipkeş hem dönük sefewi şygaçylygy, Ŷewropa kolonýalistleriniñ yslam ülkelerini basyp almaklarynyñ garşysynda iñ güýçli böwet bolan Osmanly türk döwletini arkadan hanjar uran gullukçysy bolupdy.**

**Soñky ýüzýyllykda, has hem öñki sowet yurdy dargap sowuk urş gutarandan soñ, bu mesele täze bir sepgide girdi. Biz häzir her günde diýen ýaly ganly hem gorkunç wakalaryñ şaýady bolýarys, yzygiderli şüpheli hem ýok zatlar ýüze çykýar. Biziñ medeniýetli hem parahat milletimizi-de nyşan alan şeýle hereketleriñ biri-de „Wahabi“ mezheb akymydyr. Bu akym ençe ýyllar öñ-de Türkmensährada orta atylýardy, emma halkymyz oña hiç-hili üns bermän tiz hem unudylar. Mysal üçin, birwagtlar Annagylyç Ahun Nagşbendi öz bäsdeşi bolan Muhammet Ahun Nurizady, Wahabylykda aýyplap; „Ol mukaddes öwülyäleri zyýarat etmegi günä hasap edýär“ diýip myş-myş ýayratdy. Emma halkymyz oña üns-de bermedi. Sebäbi ol „Gyrk öwülýä ýalbarandan bir Hudaýa“ diýen atalar sözünden başga bir üýtgeşik zat däldi. Türkmen milleti uzak taryhynyñ dowamynda dürli dini ynançlary kabul etse-de, her hili öte geçmelerden, täsipkeşlikden we beýleki dinleridir halklary ýigrenmekden uzak durupdyr. Men bu barada aýratyn bir makalada, güýjüm çatdygyndan durup geçerin.**

**Emma öñki Şurewiniñ dargap Garaşsyz Türkmenistan Döwletiniñ ýüze çykmagyndan soñ, kesekileriñ tarapyndan belli maksatlar bilen maddi hem siýasi taýdan goldanýan bu „mezheb“ gaýtadan janlanyp başlady. Olar Türkmensährada hatda öz yörite mejjidlerini-de saldylar. Türkmenistanda-da her edip – hesib edip aralaşmaga başladylar. Mysal üçin, ýoksyzyrak oglanlary ýanap olary özlerine çekmek üçin „eger-de biziñ mezhebimize girseñ, sizi öýli-işikli ederis“ diýýändikleri aýdylýar.**

**Şol bir wagtyñ özünde-de halkara habar beriş serişdelerinde hamana „Türkmenistanda ýüzlerçe terorist baryp Siriýede söweşýänmiş!“ diýen myş-myşy ýaýratýarlar. Emma her bir türkmen ýa-da türkmeniñ medeniýeti hem däp-dessurlary bilen tanyş bolan her bir adam, halkymyzyñ terorizm diýilýän zatdan düýbünden habarsyzdygyny we bu habarlaryñ howply niýetler bilen ýaýradylýan bihaýaçylykly ýalandygyna doly göz ýetirýändir. Elbetde özlerini pula satan birnäçe türkmen sumak dikme gullaryny orta çykarmaklary-da mümkindir.**

**Ŷokarda agzalan hakykatlary göz öñünde tutmak bilen biz, el ýeterimizde bolan maglumatlara daýanmak arkaly, bu ters akymy paş edip onuñ döredip biljek howply netijelerinden märiban halkymyzy habardar etmäge çalyşarys. Wahabylygyñ geçmişi hem oýnan roly hakynda dürli çeşmelerden örän gysgaldylyp alynan aşakdaky maglumatlary görýäris:**

**„ Biz wahabylygy kolonýalistler ýokden döredip ony goldapdyrlar diýip düşünmeli däldiris. Beýle zat bolup bilmez,taryhy hakykatlar-da bu pikiri nygtamaýar. Bu düşünjäniñ yzlary belli geçmişe daýanýar. Hakykatlara ýüzleý düşünmek yslam dünýäsinde öñden bar aztdyr…**

**Wahabylyk 18-nji asyrda Muhammed-ebn-Abdulwahabyñ Arabystanda düýbüni tutan bir mezheb hereketidir. Muhammed Abdulwahabyñ ynanjyna görä yslam dini hijri 3-nji ýüzýyldan (10-njy miladydan) ýoluny üýtgedip başlady we dürli zatlar artdyrylyp üýtgetmeler girizildi. Ol, ölüleriñ mazarlaryny ziýarat etmek hem-de dini we mezhebi şahsiýatlary gaty ulaldyp mahabatlandyramak ýaly meseleleri, soñ girizilen şeýle üýtgetmeler hasap edýär…**

**Dinler we mezhebler uniwersitesiniñn tarapyndan ýörite çagyrylan, sosýologi ylymlaryñ profesory Dr. Jewad Miri bu düşünjäniñ köklerine hem ýüze çykyşyna degip geçip şeýle diýýär: „Köp kitaplarda Muhammed Abdulwahabyñ işleri hakda umumy görnüşde aýdylypdyr. Emma gysgaldyp aýtsak, bu proýektiñ ösüşi 19-njy ýüzýylyñ (asyryñ) klonýalizmi bilen ýakyn baglanşygy bardyr diýip bileris. 19-njy ýüzýylyñ klonýalizminiñ gözi üç sany uly imperiýadady: Hindistanyñ demirgazygyndaky Gurkaniler, Osmanly imperýasy hem-de Gajarlar şalygy. Olaryñ üçüsinde-de 19-njy ýüzýylda belli hadysalar boldy. Biz Eýranda Babi we Bahaýi akymy bilen garşylaşýas. Osmanly döwletine giryän ýurtlarda biz, Wahabyçylygyñ ýüze çykmagyny görýäris. Çöküp barýan Gurkani imperiýasynda bolsa, Gadyýanyçylyk ýa Ahmadiýýe diýen pikir akymy ýüze çykýar. Bu akymlaryñ üçüsi-de, hereketini uly oýunlar bilen 19-njy ýüzýyl kolonýalizmi bilen baglylykda ösüp hem ýaýrap başlapdylar. Başga bir söz bilen aýdanymyzda, Wahabyçylygy biz ýönekeý bir proýek görmeli däl-de Eýsem, Wahabyçylyk Kolonýalistler tarapyndan çyzylan köp taraply bir proýektdir. Kolonýalizmiñ Wahabyçylyk bilen baglylygy, Osmanly imperýasynyñ ýaýramagy we Ŷewropalylar bilen aralarynda ýüze çykan bäsleşige öwrülýär. Olar Osmanly imperýasyny daşardan çökermrgi başarmansoñlar- içerden güýçden düşürmeli- diýen karara gelýärler…**

**Doktor Jäwad Miri, Wahabylyk düşünjesiniñ köküni has irräkden alyp gaýdyp şeýle ýazýar: „Muhammed-ben-Abdylwahabyñ düşünjesi Ibni Timiýeden başlanýar. Ol, Kurhany öte geçme ýorumlamakda meşhurdyr. Onuñ düşünjesi bilen ylalaşmaýan her kimi, dinden çykan kapyr hasap edýär. Ol hatda yslam dünýäsiniñ uly alymy bolan Hoja Nesireddin Tusini-de kapyrlaryñ sanyna goşýar. Muhammed-ben-Abdylwabyñ ylham alany Ibni Timiýäniñ düşünjesinde; rowaýatlar diniñ esasy daýanjy hasaplanýar. Bu düşünjede akyla hem pikir ýöretmäge hiç hili ýer berilmändir. Wahabylygyñ onçakly ýaýramadyk ýurtlarynda bu düşünjäniñ dürli taraplaryna kän üns berilmeýär…“[1]**

**„Wahabylygyñ ýasama hem ýoýujy ýoly, iki ýüz ýyl bäri edil güýe ýaly, dini bozup içini boşatmak bilen meşguldyr. Onuñ akyl hem adamzadyñ mylaýym tebigaty bilen ilteşigi ýokdýr. Wahabylyk yslamyñ täze döredilen mezheplerinden (sektalaryndan) bolup, yslamyñ dogan ýurdy bolan Arabystanda ösýär hem-de siýasy we yktysady goldowlar arkaly beýleki musulman ýurtlaryna ýaýramakdadyr…**

**Bu mezhebiñ gaty geñ hem akyla sygmaýan tarapy, Muhammed-ben-Abdulwahabyñ beren petwasy, ýagny dini permanydyr. Ol bu permanda dünýäniñ ähli musulmanlaryny kapyrçylyk hem butparazlykda aýyplap, özüne ynanýanlary olary gyryp ýok etmäge çagyrýar. Bu perman soñky iki ýüz ýyllykda pajygaly hem jan ýakyjy sahnalary ýüze çykardy. Şeýle perman tañry dinlerinde örän seýrek bolandyr…**

**Wahabyçylygyñ musulman ýurtlarda propaganda edilmesi örän ähmiýetli meseledir. Munuñ sebäbi bolsa, bu mezhebiñ Ebne-Teýme we Muhammed-ben-Abdulwahab ýaly Säläfiçileriñ tarapyndan dogry ýoldan çykmagynyñ üstesine, musulmanlaryñ arasynda agzalalyk döretmekde Amerika we Iñlis ýaly kolonýalist güýçleriñ tarapyndan örän täsirli ýarag hökmünde ulanylmagydyr…**

---

[1]- **تهیه متن از زهرا نوروزی، منبع: یکشنبه ۱۳ اسفند ۱۳۹۱ روزنامه تهران امروز** www.tehranemrooz.net

**Özboluşly Sopyçylyk yslamy yörgünli bolan Merkezi Asýa we Demirgazyk Kawkaz ýurtlarynda, Wahabizm ady bilen täze döredilen bir hereket başlandy. Wahabyçylygy bu ýurtlarda ýaýratýanlar, arap we käbir beýleki musulman ýurtlaryndan gelen wagyzçylardyr. Olaryng yzyna düşenleriñ ilkinjileri, prostroýka başlanandan soñ daşary ýurtlardaky dini okuwlarda okamak mümkiçiligini tapan ýa-da belli bir şahsy ýa sosýal meseleler üçin ýurtlaryndaky düzgüne garşy bolan ýaşlardyr.**

**Wahabyçylygyñ ýüze çykmagyny öwrenen köp sanly garaşsyz döwletler birleşiginiñ ýazyjylary, bu akymy maddi taýdan üpjün edýän Arabystanyñ roluna degip geçýärler. Bu ýurtlaryñ garaşsyzlygyndan başlap, majjitleri salamak we yslamy öwretmek, daşary ýurtlardaky dini okuwlara okuwçy ibermek, dini kitaplary neşir etmek, arap dilini okamak we musulmanlary haja ibermek ýaly işleriñ ähli çykdaýjysy Arabystanyñ tarapyndan üpjün edilipdir. Şonuñ üçin hem birnäçe ýazyjylar, Wahabylyk hereketinñ-de diñe arabystanyñ kömekleri bilen ýüze çykandygyny öñe sürýärler…[2]"**

**„Jorj W. Buşyñ hökümet başyna geçmegi hem-de 11-nji September hadysasynyñ 2001-nji ýylda ýüz bermegi, Amerikada we halkara gatnaşyklarynda täze bir özgerişleriñ başlangyjy boldy. Bu hadysa Amerikanyñ daşary siýasatyna birhili düzgün getirdi; çünki Waşiñtonyñ dünýä agalyk etmeginine garşy bolan äli güýçleri terorizmiñ hasabyna geçirdi. 11-nji Septembr hadysasy Amerika üçin teroriz diýen täze bir duşman döretmek arkaly öz güýjünden peýdalanmaga bahana berdi. Täzeki şertleri göz öñünde tutmak bilen, Aktamyñ ýolbaşçylary bu günki we geljegki döwüre uýgun strategik bir düzgün-tertip döretmegiñ ugruna çykdylar. Onuñ netijesi bolsa „Amerikanyñ 21-nji ýüzýyllyk üçin milli parahatçylygy“ ýaly strategiýalaryñ düzülmegi boldy. 11-nji Septambrda Dünýä söwda merkeziniñ ekiz minarasyna bolan teroristik hüjümiñ yzyndan derrew Amerika; günäkär hökmünde Elkaide, Talyban hem Benladen ýaly öte geçme yslamçy toparlary görkezdi, we yz ýanyndan bolsa uruş kerwenleri trorizme garşy söweş maksady bilen Owganystana we iñ soñy bolsa Yraga tarap ýola düşdi…**

**Iñlis klonýalizmi şeýle düşünjäni döretmegi has irräkden başlapdy. 1920-nji ýylda Feýseliñ ogullarynyñ birini Arabystandan Yraga häkim edip goýdy, Feýseliñ ýene bir ogly Abdyllany Ordona (Ŷordanýa), üçünjisini bolsa Siriýa häkim belledi. Şonuñ ýaly-da 1782-nji ýylda Alhalyfa wahaby taýpasyny Bähreýne häkim edip, olaryñ hemaýaty bilen 1820-nji ýylda bolsa, Alhalyfa taýpasy Arabystanyñ wahabi döwletiniñ kömegi bilen, sünni wahabileri Bähreýne göçürip ol ýerdäki şygalary bolsa gyrýarlar (Dowani, 1366, s. 58)…[3]"**

**„ Wahabyçylyk hem Al-e-Saud Amerika bilen Iñlisiñ gujagynda:**

**Amerikanyñ içalylyk (şpýonlyk) guramasynyñ öñki ofitserleriniñ biri özüniñ goh turuzan kitabynda, öte dinçilik terorizmihiñ Orta Asýada ýüze çykyşy hakda durup geçipdir. Al-alem adyndaky habar merkezi ilkinji gezek bu kitabyñ iñ ähmiýetli bölümlerini terjime we neşir etdi.**

**Al-alem habar merkeziniñ açyklamasyna görä, „Şeýtan bilen ýatmak“ kitabyñ ýazyjysy „Rabert Baýer“ Amerikanyñ habarlar merkeziniñ öñki aktiwist ofitserlerindendir. Ol „CIA“da dürli wezipelerde bolupdyr. Olardan biri-de bu guramanyñ Liban (Lobnan)daky bölüminiñ we 1983-nji ýylda „Ber-al-abd“y partladan toparyñ başlygydyr…**

**Bu CIA nyñ öñki jogapkäri, öz kitabynda, Arabystan bilen Amerikanyñ öte dinçi terorizmi döretmekdäki arkadaşlygy meselesine-de degip geçýär.**

**Kitap 2003-nji ýylda neşir bolsa-da, onuñ arapça ýa parsçasy neşir edilmedi.Bu kitap jurnalistleriñ arasynda „Aktam we Gara altyn“ ady bilen hem tanalýar…**

---

2- **منبع:** سایت / حوزه / ۱۳۸۷/۰۷/۲۴ **http://www.bashgah.net/fa/content/show/26568** نویسنده، مجید دیوسالار

3- **پژوهشگر: حسام افشار** joomla 3.0 designhttp://geographia.com.ua

1970-nji ýyldan başlap, Arabystanyñ häkim urugy hem-de bu ýurduñ haýyr-sahabat adyndaky jemgiýetleri, ozleriniñ nebitden yeten dolarlaryny, Arabystan hem daşary ýurtlarda iñ gazaply, yslam ynanjyny aşa täsipkeş ýorýan nesil ýetişdirmek maksady bilen, dini mekdep-medirseler gurmak ugrunda sarp edýärler.

Şeyle ýagdaýda iñ öte geçme yslamçylar hökmünde Wahabylar orta çykdy. Dini medirseler, gan ojak urş adamlaryny ýetişdirmek üçin iñ mynasyp mekana öwrüldi. Bu medirseler 1980-nji ýylda öte geçme hem gazaply adamlary ýetişdirmek üçin mynasyp mekena öwrüldi, edil şu ýerlerden Owganystana giren Sowt basybalyjylara garşy „mukaddes söweş“ yglan edildi. söweşijiler Amerikanyñ ýaraglary bilen ýaraglanyp, bu ýurduñ yktysady we lojestiki hemaýaty bilen üpjün boldy. Şeýlelik bilen „Owgan Arap“ Moskwa garşy ganly söweşi alyp barmagy öz boýunlaryna aldylar we taryhyñ ýoluny üýtgetdiler.[4]"

Hormatly okyjylar!

Bolup geçýän hadysalaryñ perde arkasyny belli drejede añlatýan bu hakykatlar, hemmämiziñ örän hüşgär bolmalydygymyzy talap edýar. Mähriban milletimiziñ bular ýaly howply duzaklryñ pidasy bolmazlygy üçin elimizden gelenini etmelidiris. Bar mümkinçiligimiz bilen ýaşlarymyza göz-gulak bolmaly, bilmän duzaga düşenleri düşündirip gutarmaly, bile-bile özlerini pula satanlary bolsa aramyzdan çetleşdirmelidir diýip düşünýärin. Oba ýaşulylarymyzyñ ogrulyk-jümrilige ýa-da neşe maddalara garşy şeýle ýollary ulanmakda oñaýly tejribeleri bardyr.

Bilşimiz ýaly Milletimiziñ Hänäfi Mezhebiniñ esasynda örän arassa hem adamkärçilikli dini ynanjy bardyr. Taryh boýy biziñ aramyzda hatda ruhanylarymyzyñ arasynda Nagşbendilik, Ŷasawilik ýaly sopy akymlary-da bolupdyr, henizem bar we hiç hili meselesiz ýaşaýarlar.Türkmen topragy, dogry niýet bilen gelen ähli dinlerdir mezheblere ynanýanlar üçin iñ arkaýyn hem parahat ýurt bolupdyr, şu gün hem şeýle we şeýle bolup galmalydyr.

Her milletiñ taryhynda her hili ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Emma duşmanyñ duzagyna düşüp, o mezheb bu mezheb diýip bir-birimizi çapsak taryhy ýüzü garalyk bolar.

Bu gysga makalamy, iñ agyr günlerimizde ruhy arkadagymyz hem ýol görkeziji parlak ýyldyzymyz bolan Milli Şahyrymyz hem Beýik Akyldarymyz Magtymgulynyñ bir beýti bilen gutarýaryn:

Bir-biriñi çapmak ermes ärlikden,
Bu iş şeýtanydyr, belki körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeý.

B. Gereý: Ŷanwar 2014

---

4 شنبه 7 دی 1392 - 14:18:45 http://fa.alalam.ir/news/1549066